TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— ÝAŞLAR DÖWLETIMIZIŇ KUWWATLY GÜÝJÜDIR, HALKYMYZYŇ BELENT MAKSATLARA ÝUGRULAN NURANA GELJEGIDIR. ÝAŞLAR TÜRKMEN HALKYNYŇ DÖWLETLILIK ÝOL-ÝÖRELGESINIŇ MIZEMEZ MERTEBESIDIR, BAKY DOWAMATYDYR.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2026 | Maý | #5/50

## «AK ŞÄHERIM AŞGABAT!»



*Aziýanyň merjeni gözel Aşgabat! Bagtyň şäheri! Bu gün gujagynda her bir gününi täze üstünlikler, süýji arzuwlar, päk umytlar bilen garşylaýan perzentleriniň ýüzünde uçganaklaýan bagty göreniňde, neneň oňa bagtyň şäheri diýmejek?! Ýollaryny, şaýollaryny dagy diýsene, kaşaň, mermer, ak binalaryň arasynda özboluşly sazlaşygy döredýär. Ýeňil awtoulagly töweregi synlap barýarkaň, ýylyň ähli paslynda misli ýazyň güni ýaly ýap-ýaşyl öwüsýän baglaryň nyzama duran esgerleri ýatladyp, hatarlanyp durmagy tertip-düzgüniň kadaly ýagdaýdadygyny görkezýär.*

Erkanalygy, asudalygy, bagtyýarlygy, parahatlygy, dostanalygy, döwletliligi, gözelligi bilen dünýä tanalýan Watanymyzyň paýtagty Aşgabat dünýäniň iň owadan şäherleriniň biridir. Gahryman Arkadagymyzyň döreden «Ak şäherim Aşgabat» atly şygrynda şeýle setirler bar:

*Galkyp ganat gerdigim,*
*Sap söýgüden gurdugym,*
*Ýüregi sen ýurdumyň,*
*Ak şäherim Aşgabat!*

«El hünäri il gezer» diýilýär. Gahryman Arkadagymyzyň söýgi bilen guran şäheri Watanymyzyň ýüreginde ýerleşip, gözellikde, owadanlykda dünýä nusgalykdyr. Kaşaň, mermer binalary, arassalygy, bagtyýarlygy, asudalygy bilen gözellikde bäsleşip bilýän paýtagtymyz dünýä ýüzüne nusgalyk görelde. Gözel paýtagtymyzyň owadanlygyň nusgasy hökmünde halkara baýraklara we şahadatnamalara mynasyp bolmagy bizi diýseň buýsandyrýar.

Ak arzuwlaryň şäheri Aşgabat — geljekki nesillerimize ata-babalaryndan beriljek bahasyz peşgeş. Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow: «Aşgabady döwrümiziň nyşany bolan ajaýyp şähere öwrüp, çagalarymyza we agtykçowluklarymyza miras goýmalydyrys» diýip belleýär. Nesilleri bolelin, bagtyýar, bagtly, parahat, asuda ýurtda ýaşatmak üçin edilýän uly tagallalar babatda Gahryman Arkadagymyzdan nusga alynýar.

Taraşlanyp, mähir, söýgi siňdirilip döredilen eserler ebedilik ýaşaýar. Dünýäniň iň owadan we ýaşamak üçin amatly şäherleriniň birine öwrülen türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döreden bu sungat eseri Aşgabadyň gözelligine jahankeşdelerdir syýahatçylar haýran galýarlar. Suw çüwdürimleri, ak mermer binalary, bag-bakjaly, gül-gülälekli seýilgähleri, gözleri şatlykdan püre-pürlenip duran bagtyýar adamlaryň ýüzleri ertekilerdäki arzuw edilýän ýurduň ýaşaýşy diýsek dogry bolar. Elbetde, sanlyja ýylyň içinde göreni haýran edýän şäheriň ady dillerimizde sena bolup ýaňlanýar. Paýtagtymyzyň aýdyň gijeleri, şuglaly gündizleri, ýerasty we ýerüsti geçelgeleriniň birkemsiz owadanlygy, dürli reňkli çyralaryň agşamky gözelligi näçe taryp etdigiň saýy taryp etdirýär, joşdurýar, goşgy goşdurýar. «Aşgabatda aýratyn bir jady bar» diýip, Ata Atajanowyň gözel paýtagtymyzy wasp edýän goşgusynda ky özüneçekiji güýç, ylham beriji duýgy, ýaşaýşa söýgi, geljege umyt şäheriň gujagyna gireňde duýulýar.



Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen halkymyz bu günki gün merjen şäherimiz Aşgabadyň şanly 145 ýyllyk toýuny uly ruhubelentlik bilen toýlaýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň sungat eseri Aşgabadyň toý günündäki gözelligi bolsa adatdakylardan hem has-da özüne çekiji gözel görnüşli. Öz gujagyna myhmançylyga gelýän adamlary garşylaýşy türkmeniň «Myhman atańdan uly» diýen aýtgysyndan ugur alýar. Ýaz şemalynyň baglaryň ýapraklaryny yralap çykarýan sesi Aşgabadyň şanyna wasp edilip çalynýan saza çalym edýär. Şeýle ajaýyp sazlar dört pasly özünde jemleýän Aşgabadyň gujagynda ýaňlanyp dur:

*Aşgabadym — Aziýanyň merjeni,*
*Şöhratlydyr şu güni hem geljegi.*
*Watan Gahrymany — Watan Gerçegi,*
*Arkadagyň Şa serpaýy — Aşgabat.*



**Berdinazar DÖWLETOW,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.**

## Täzelikler

# Halkara ylmy-amaly maslahat

***13-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy hem-de Ylymlar güni mynasybetli sanly ulgam arkaly «Häzirki zaman ylmy barlaglar we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy-amaly maslahatyň açylyş dabarasy we umumy mejlisi geçirildi.*




Halkara ylmy-amaly maslahata daşary ýurtlaryň 24-üsiniň, şol sanda Russiýa Federasiýasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Italiýanyň, Daniýanyň, Rumyniýanyň, Gazagystanyň, Belarus Respublikasynyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Azerbaýjanyň, Ermenistanyň, Türkiýe Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Bangladeşiň, Hindistanyň, Ruandanyň, Alžiriň, Namibiýanyň, Mýanmanyň, Gruziýa Respublikasynyň, Kambojanyň, Tanzaniýanyň, Gananyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň we ylmy-barlag edaralarynyň alymlarynyň, hünärmenleriniň 100-den gowragy, şeýle hem, Türkmenistanyň 30 sany ýokary okuw mekdeplerinden we ylmy-barlag edaralaryndan jemi 288 sany wekil gatnaşdy. Olar ylmy-amaly maslahatyň dowamynda wekilçilik edýän bilim-ylym merkezlerinde gazanan üstünlikleri, alyp barýan ylmy-barlag hem-de ylmy-usuly işleriniň netijelerini ara alyp maslahatlaşmaga, tejribe alyşmak mümkinçilik aldylar.



Halkara ylmy-amaly maslahatyň umumy mejlisinde çykyş eden türkmenistanly we daşary ýurtly alymlar, professor-mugallymlar soňky ýyllarda türkmen halkynyň Milli Lideriniň we Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň tagallalary esasynda Bitarap Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen ylym-bilim babatda hyzmatdaşlyk işleriniň yzygiderli ösdürilýändigini bellediler.

Maslahata gatnaşyjylar çykyşlarynda dost-doganlyk we özara tejribe alyşmak ýörelgeleriniň täze taryhy döwürde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň tagallalary bilen üstünlikli alnyp barylýandygyny aýratyn nygtadylar.

Halkara ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş uniwersitetiň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy maglumatlara baý bolan kitaplarynyň, professor-mugallymlaryň, alymlaryň monografiýalarynyň, kitaplarynyň, gollanmalarynyň, milli amaly-haşam sungatymyzyň, ylym-bilim ulgamlarynda gazanylan üstünlikleriň, ýurdumyzyň häzirki zaman ösüşlerini, şöhratly taryhymyzy, milli mirasymyzy beýan edýän taslamalaryň, talyplar tarapyndan taýýarlanylan işläp düzmeleriň sergisi guraldy.

Uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň dutarçylar topary tarapyndan ýerine ýetirilen aýdymlar, ýaňlanan mukamlar sergä gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

**14-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy hem-de Ylymlar güni mynasybetli sanly ulgam arkaly geçirilýän «Häzirki zaman ylmy barlaglar we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy-amaly maslahatyň işi bölümçelerde dowam etdirildi. Şeýle hem maslahatyň ýapylyş dabarasy geçirildi.

Şeýlelikde, halkara ylmy-amaly maslahatyň işi «Tebigy ylymlaryň häzirki zaman ösüşinde innowasion tehnologiýalaryň orny. Tebigy ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň usulyýetiniň kämilleşdirilmegi», «Sanly tehnologiýalary ösdürmekde takyk ylymlaryň gazanan üstünlikleriniň ähmiýeti. Takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagyň häzirki zaman usullary», «Ynsanperwer ylymlary ösdürmegiň esasy ugurlary: taryh, psihologiýa, pedagogika, hukuk we jemgyýeti öwreniş ylymlarynyň wajyp meseleleri» hem-de «Türkmen we daşary ýurt dillerini, edebiýatyny öwrenmegiň ylmy esaslary hem-de okatmagyň usulyýeti. Terjimäniň nazaryýeti we amalyýeti» atly bölümçeleriň 4-üsinde alnyp baryldy.

Türkmenistanly we daşary ýurtly professor-mugallymlar, alymlar, ylmy işgärler, doktorantlar, aspirantlar maslahatyň meýilnamasynda göz öňünde tutulan ylmy nutuklar bilen çykyş etdiler, medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça pikir alyşdylar.

Maslahatyň ýapylyş dabarasynda çykyş edenler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideriniň we Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň tagallalary esasynda, baky Bitarap Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen ylym-bilim babatda hyzmatdaşlyk işleriniň yzygiderli ösdürilýändigini bellediler.

**Bahargözel GAÝYPNAZAROWA,**
**daşary ýurt edebiýaty kafedrasynyň uly mugallymy,**
**ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy.**



# Talybymyz baş baýraga mynasyp boldy



***4-nji maýda** Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýigitleriniň arasynda yglan edilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň bagtyýar gerçekleri» atly döredijilik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi.*

Bäsleşikde baş baýraga Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Muhammetmyrat Atamyradow mynasyp boldy.

Talyp ýigitler birinji şertde saýlap alan hünäriniň jemgyýetdäki ornuny aýdymsazlar, şowhunly tanslar we çeper okaýyşlar arkaly taryplap, hünärine bolan buýsanjyny ýörite taýýarlanan wideoşekilleriň üsti bilen täsirli beýan etdiler. Ikinji şertde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň döredijilik ruhuna laýyklykda, türkmen ýigidine mahsus edermenlik, mertlik we halallyk ýaly asylly häsiýetler goşgularyň, çuň manymazmunly monologlaryň hem-de täsirli sahnalaryň üsti bilen çeper wasp edildi.

Eminler bäsleşige gatnaşan beýleki zehinli talyp ýigitleri hem, çykyşlarynyň aýratynlyklaryna görä, «Edermen ýigit», «Ylhamly ýigit», «Şahandaz ýigit», «Ugurtapyjy ýigit», «Türgen ýigit», «Owazly ýigit», «Ussat sazanda ýigit» diýen ugurlar boýunça sylagladylar.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Arap dilini öwrenýänler üçin peýdaly gollanma

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşyň ähli ugurlary boýunça uly ösüşler gazanylýar. Aýratyn hem, milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek we sanly bilimi has-da ösdürmek, bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak we hilini ýokarlandyrmak maksady bilen düýpli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda ene dilimiz bilen bir hatarda daşary ýurt dillerini, şol sanda arap dilini öwrenmeklige hem aýratyn üns berilýär.*




Arap dilini öwretmekligi has-da kämilleşdirmek maksady bilen ýazylan we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň gündogar dilleri kafedrasynda makullanan hem-de «Ylym» neşirýaty tarapyndan neşir edilen «Arap dilinde işlik derejeleri» atly okuw gollanmasy arap dilini öwrenýän türkmen okyjylaryna bu ugurda hödürlenýän kitaplaryň arasynda özboluşly gurluşa eýedigi bilen tapawutlanýar. Mugallym O.Öwezsähedowyň taýýarlan bu gollanmasynda türkmen we arap dilleri degşirilip öwrenilýär hem-de onuň netijesinde iki diliň umumylyklary we aýratynlyklary ýüze çykarylýar.

Kitap düşnükli we okyjylarda gyzyklanma döredip biljek nusgalar, şeýle-de, gönükmeler toplumynyň getirilmegi bilen baýlaşdyrylypdyr. Kitaba göz aýlanyňda, awtoryň bu okuw kitabyny taýýarlanda köp sanly daşary ýurt alymlarynyň okuw kitaplaryndan, gollanmalaryndan we sözlüklerinden hem-de köp ýyllyk şahsy tejribesinden peýdalanandygy äşgär bolýar. Awtor O.Öwezsähedow bu gollanmada arap dilindäki işlik derejeleri barada giňişleýin maglumat berip, olary türkmen dilindäki işlik derejeleri bilen deňeşdirmek arkaly düşündirip geçýär. Arap dilindäki işlik derejeleri barada ýazylan bu kitap diňe bir arap dilini öwrenýänler üçin gyzykly bolman, eýsem, türkmen diliniň taryhyny, pars, türk we beýleki gündogar dillerini öwrenýänler üçin hem möhüm çeşme bolup hyzmat eder.

Awtor kitabyň sözbaşysynda türkmen we arap halklarynyň arasyndaky gadymdan gelýän gatnaşyklar barada söz açyp, bu iki halkyň dilleriniň arasyndaky umumylyklar we aýratynlyklar dogrusynda hem degerli maglumatlara ýüzlenipdir. Şeýle hem, kitabyň «Giriş» bölüminde arap dilindäki işlik derejeleri barada birnäçe daşary ýurt alymlarynyň işlerine ýüzlenip, bu babatda gysgaça we saldamly maglumatlar beripdir hem-de bu ugurda ulanylýan adalgalary türkmen edebi diliniň kadalaryna mahsus ýagdaýa getirmeklik barada degişli teklibi orta atypdyr. Okuw gollanmasynda arap dilindäki işlikleriň degişli derejeleriniň aýratynlyklary, ilki bilen, türkmen dilinde düşündirilýär, soňra olaryň zamanlarda, ýöňkemede üýtgeýişlerini görkezýän jedweller, iki dildäki gönükmeler, sözlükler ýerleşdirilipdir. Kitabyň ahyrynda kök çekimsizleri esasynda ýasalan asyl işlikleriň we olardan ýasalan dürli işlik derejeleriniň sözlügi berlipdir.

Bu okuw gollanmasy taýýarlananda dürli dillerde bu ugurda ýazylan kitaplardan giňden peýdalanylypdyr. Kitap ylmy-amaly häsiýete eýe bolup, dil öwretmekde gollanmalardan edilýän talaplary doly berjaý edýär. Türkmen dilinde degşirme usuly esasynda işlenen bu kitap arap dili boýunça taýýarlanan gymmatly işleriň biri bolup, arap dilini, şeýle hem, türkmen dilini öwrenýän talyplar, mugallymlar we arapşynaslar üçin möhüm gollanma bolup hyzmat eder.

**Täç SALPYÝEWA,**
**gündogar dilleri kafedrasynyň uly mugallymy,**
**filologiýa ylymlarynyň kandidaty.**

## Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ilerledip



**20-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Yrak Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň işleri wagtlaýyn ynanylan wekili Jassim Mohammed Al-Attar bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory O.Öwezsähedowyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşykda taraplar bilim-ylym ulgamlarynda tejribe alyşmak maksady bilen, arap dili boýunça okuw sapaklaryny guramagyň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Garaşsyzlygymyzyň synmaz sütüni

**7-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde guramagynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli «Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Döwlet baýdagymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň synmaz sütünidir» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.




Maslahata ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyplary, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we pudaklaýyn ylmy-barlag institutlarynyň alymlary, ylmy işgärleri gatnaşdylar.

Maslahat öz işini umumy mejlisde we bölümçeleriň 11-isinde dowam etdi.

Maslahatda çykyş edenler Türkmenistanyň Konstitusiýasy, onuň rejelenen görnüşi esasynda kanunlaryň we kadalaşdyryjy-hukuk resminamalaryň kämilleşdirilişi, «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy», «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy», Türkmenistanyň Döwlet baýdagy hem-de onuň taryhy kökleri barada giňişleýin gürrüň berdiler.

Çykyşlarda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek bilen bagly «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda maksatnamalaýyn işleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan täze taryhy eýýamda üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň berkarar Watanymyzyň geljekki ösüşleriniň berk binýady boljakdygy nygtaldy.

Ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň kitaplarynyň, professor-mugallymlaryň okuw kitaplarynyň, okuw gollanmalarynyňdyr monografiýalarynyň hem-de talyplar tarapyndan taýýarlanylan şöhratly taryhymyzy, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini beýan edýän taslamalaryň, şeýle-de, talyplaryň oýlap tapan programma üpjünçilikleriniň, işläp düzmeleriniň sergisi oňa gatnaşyjylarda täsir galdyrdy.

**Merjen ORAZDURDYÝEWA,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.**

## Ynsanperwer ylymlaryň ösüşine bagyşlandy

***22-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň ýokary we orta okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň, Ylymlar akademiýasynyň ylmy-barlag institutlarynyň alymlarynyň, aspirantlarynyň we alymlyk derejelerine dalaşgärleriniň gatnaşmagynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsanperwer ylymlarynyň ösüşi» atly ylmy-amaly maslahaty geçirildi.*

Maslahatyň işi umumy mejlisde hem-de «Şöhratly taryhymyzy, medeni mirasymyzy öwrenmekde ynsanperwer ylymlarynyň we pedagogikanyň orny», «Täze taryhy döwürde türkmen dilini we edebiýatyny öwrenmegiň meseleleri», «Behişdi bedewler — türkmen halkynyň baý milli mirasynyň aýrylmaz bölegi» atly bölümçeleriň üçüsinde alnyp baryldy.

Maslahatda ylmy nutuklaryň 100-e golaýy meýilleşdirildi. Türkmen edebiýatynda möhüm orun alan şahyrlaryň, ýazyjylaryň döredijiligi, edebi mirasy täzeçe nazaryýetler, dürli ylmy usullar bilen seljermeler, olaryň çeperçilik gymmatlylygy, şeýle hem, türkmeniň halyçylyk sungaty, milli tans sungaty ýaly edebi däl görnüşleri bilen birlikde türkmen kompozitorlarynyň döreden ajaýyp sazlarynyň ylmy taraplary boýunça çykyşlar boldy.

Halkymyzyň milli buýsanjy bolan ahalteke bedewleriniň gözelligi, ýyndamlygy hem-de şaý-seplerde, eposlarda, nusgawy we häzirki zaman türkmen şahyrlarynyň şygryýetinde orun alan bedew atlaryň çeper keşbi boýunça alnyp barylýan işlerdäki ylmy seljermeler baradaky ylmy çykyşlara-da giň orun berildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Täzelikler

# Ýeňiş gününiň şanyna

**1-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde guramagynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan ýeňiş mynasybetli «Watan gahrymanlarynyň şöhratly ýoly — ýaşlary watansöýüjilik ruhunda terbiýelemegiň beýik nusgasy» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Ylmy-amaly maslahat öz işini umumy mejlisde hem-de «1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlary — mertligiň we edermenligiň nusgasy», «Türkmen dilini we edebiýatyny öwrenmegiň ylmy-usuly esaslary», «Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ynanyşmagyň konstitusion-hukuk esaslary», «Ylymly-bilimli nesli kemala getirmekde daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýetiniň kämilleşdirilmeginiň orny», «Daşary ýurt dillerini innowasion tehnologiýalar arkaly öwretmegiň döwrebap usullary», «Ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny rejeli peýdalanmakda himiki tehnologiýalaryň kämilleşdirilmeginiň ähmiýeti», «Türkmenistanda tebigaty goramagyň, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmagyň häzirki zaman meseleleri», «Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini ýokarlandyrmagyň we ekologiýa howpsuzlygyny gazanmagyň esasy ugurlary», «Takyk ylymlar ulgamynyň häzirki zaman üstünlikleri innowasion tehnologiýalary ösdürmegiň özenidir», «Fizika we astronomiýa ylymlarynyň häzirki zaman ösüş ugurlary hem-de olaryň amaly ähmiýeti» atly bölümleriň 10-usynda alyp bardy. Maslahatda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy edaralardan we beýleki edara-kärhanalaryndan gatnaşan professor-mugallymlaryň, alymlaryň, ylmy işgärleriň, hünärmenleriň, aspirantlaryň, alymlyk derejelerine dalaşgärleriňdir talyplaryň ylmy, ylmy-amaly hem-de ylmy-usuly häsiýetdäki çykyşlarynyň 420-ä golaýy diňlenildi.



Çykyşlarda Beýik Ýeňiş gününi ýakynlaşdyran milli gahrymanlarymyzyň arasynda Berdimuhamet Annaýewiň hem bolandygy, onuň gahrymançylygynyň nesiller üçin nusgalyk mekdep bolup durýandygy buýsanç bilen aýdyldy, şeýle-de, Beýik Watançylyk urşy temasynyň edebiýatda we sungatda tutýan orny barada ylmy esasda alnyp barylýan işler, ylmy seljermelerdir ylmy nutuklar diňlenildi hem-de olar boýunça özara pikir alşyldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# «Açyk gapylar» güni

**2-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen «Açyk gapylar» gününe paýtagtymyzyň umumy bilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylary we ýaşlar işjeň gatnaşdylar. Olar Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik we ylmy-barlag işleri, ýokary okuw mekdebinde hereket edýän muzeýler hem-de olardaky gymmatlyklar bilen ýakyndan tanyşdylar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda guralan sergilerde hereket edýän fakultetlerde hünär aýratynlyklaryny öz içine alýan sergi gymmatlyklary oňa gatnaşyjy ýaşlarda özboluşly täsir galdyrdy. Bu sergi gymmatlyklary uniwersitetde ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda alnyp barylýan işler, professor-mugallymlaryň, ýaş mugallymlaryň, aspirantlaryň, talyplaryň, magistrleriň, bakalawrlaryň bilimde, ylymda, sportda we jemgyýetçilik işlerinde halkara, döwlet derejesinde geçirilen olimpiadalarda, bäsleşiklerde hem-de dürli çärelerde gazanan üstünliklerini beýan edýär.

Çärä gatnaşyjy okuwçylar we ýaşlar uniwersitetiň mejlisler jaýynda ýokary okuw mekdebi barada wideofilme tomaşa etdiler hem-de uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň, talyplarynyň çykyşlaryny diňlediler.

Çäre bilen ugurdaş Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan ýurdumyzyň mekdep okuwçylarynyň arasynda häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary,



biologiýa, iňlis dili, Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili dersleri boýunça geçirilen bäsleşiklerde ýeňiji bolan okuwçylary ýokary okuw mekdebiniň degişli Diplomlarydyr ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglamak dabarasy geçirildi.

«Açyk gapylar» gününe gatnaşyjylar kämil, giň dünýägaraýyşly ýaş nesli kemala getirmek bilen bilim-ylym ulgamyny ösdürmäge döredilýän ählitaraplaýyn mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş sözlerini beýan etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar»

**4-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap häkimligi bilen bilelikde



guramagynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly, Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy hem-de 1941 — 1945-nji ýyllarda Beýik Watançylyk urşunda gazanylan ýeňiş mynasybetli «Watan ykbalynda şöhrat duýulýar, Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar» atly aýdym-sazly baýramçylyk dabarasy geçirildi.

Dabara uruş we zähmet weteranlary, hormatly dynç alyşdaky ýaşulular, eneler, uniwersitetiň professor-mugallymlarydyr talyplary gatnaşdylar. Olar öz çykyşlarynda Beýik Watançylyk urşunda Watany gorap, söweş meýdanlarynda türkmenistanly ýigitleriň müňlerçesiniň gaýduwsyzlyklaryny, deňsiz-taýsyz mertliklerini we edermenliklerini bellemek bilen, Gahryman Arkadagymyzyň atasy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň garry atasy Berdimuhamet Annaýewiň bu uruşda görkezen edermenligi bilen baglanyşykly täsirli gürrüňleri berdiler.

Baýramçylyk dabarasynyň dowamynda türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyplary tarapyndan ýerine ýetirilen aýdymlar dabaranyň joşgunyny artdyrdy. «Hakydada galan baky ömürler» atly sahnalaşdyrylan çykyş hem oňa gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar Berkarar Watanymyzda uruş we zähmet weteranlarymyza edilýän uly hormat-sarpa, ylym-bilim ulgamlaryny ösdürip, ýaşlar



syýasatyny giňden durmuşa geçirýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Talyplarymyzyň üstünlikleri



Ýakynda Russiýa Federasiýasynyň «Профессиональная наука» ylmy jemgyýetçilik guramasy tarapyndan guralan «Ýylyň talyby — 2025» atly halkara bäsleşigine taryh hünäriniň 4-nji ýyl talyby Zyýada Ýusubowa «Daşary ýurtly ýylyň talyby» ugry boýunça gatnaşyp (ylmy ýolbaşçysy: Türkmenistanyň taryhy kafedrasynyň uly mugallymy T.Sahydow), I derejeli Diploma mynasyp boldy.

Russiýa Federasiýasynyň Ufa şäheriniň «Aeterna ylmy neşirýat merkezi» tarapyndan geçirilen «Ylmy meseleler we olaryň çözgüdi: seljerme, modelleşdirme we amaly ulanyş» atly halkara ylmy-barlag bäsleşigine ýokary okuw mekdebimiziň hukuk öwreniş hünäriniň 3-nji ýyl talyby Guwançmyrat Arrykow «Hukuk ylymlary» ugry boýunça «Halkara hukugyň esasy ýörelgeleriniň kanuny häsiýeti» atly ylmy işi bilen (ylmy ýolbaşçysy: Konstitusiýa hukugy kafedrasynyň müdiri S.Goçumowa) internet arkaly gatnaşyp, I derejeli Diploma mynasyp boldy.



**«Türkmen uniwersiteti».**

## Bilimli nesil — kuwwatly Watan

# ÇAGALYK — BAGTYÝARLYK

*Çaga — durmuşyň güli. Her bir maşgalada «altyn aşygyň» dünýä inmegine sabyrsyzlyk bilen garaşylýar. Sebäbi çagajyk öz ýany bilen şol öýe, şol maşgala şatlyk, şowhun, şagalaň getirýär. «Çagaly öý bazar» diýlip ýöne ýere aýdylanok ahyry. Çagalara bolan şeýle çäksiz söýgi asyrlaryň dowamynda halkymyzyň kalbynda ýaşap gelýär.*

Muny ata-babalarymyz tarapyndan döredilen «Bal süýji, baldan-da bala» diýen pähimden-de görmek bolýar. Ýöne «Çaga eziz, edebi ondan hem eziz» diýen söz-de ýönelige däldir. Bu pederlerimiziň ýüreginde çaga bolan söýgi bilen bir hatarda onuň edep-terbiýesi, geljegi baradaky aladanyň hem ýer alandygyny görkezýär. «Çaga bu ösümlikdir. Ony nähili ýetişdirseň, şoňa görä-de gül açar» diýlişi ýaly, ýaşlykdan berlen terbiýe möhüm ähmiýete eýedir. Olaryň terbiýesinde ene-atanyň şahsy göreldesi wajypdyr. Emma diňe maşgala terbiýesi-de ýeterlik däl. Onuň üstüni doldurmaly. Muny bolsa edebiýatyň, çeper eserleriň, jemgyýetiň kömegi bilen amala aşyrmak mümkin. Edebiýat, adyndan belli bolşy ýaly, edebiň öýüdir, ýagny çaganyň tersine, nähili bolmaly däldigini öwrenýär. Kitap okaýan çaganyň terbiýesi, özüni alyp barşy bilen beýleki çagalary deňeşdirip göräýiň. Nä derejede tapawudyň bardygyna özüňiz göz ýetirersiňiz. Çünki çaga psihologiýasyna görä ýazylan eser gaty täsir edegen bolýar. Muňa H.Ysmaýylowyň «Mugallymyň gyzy» powestini mysal getirse bolar. Çagalaryň durmuşyndan ýazylan bu eserde olaryň özüni nähili alyp barmalydyklary, sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmelidikleri otrisatel we položitel keşpleriň üsti bilen ündelýär.

Çagalar edebiýatynyň düýbüne — ilkinji çeşmelerine ser salanymyzda, halk döredijiligini görýäris. Esasan hem, ertekiler. Ondan başga-da sanawaçlar, hüwdüler, ýaňyltmaçlar... hem çagalara niýetlenendir. Şolaryň täsiri netijesinde çagalar edebiýaty döräpdir. Muňa mysal edip tapmaça görnüşindäki B.Kerbabaýewiň «Kim bilmeşek?», P.Nurberdiýewiň «Tapmaçalar», B.Seýtäkowyň erteki görnüşindäki «Aýazhan», G.Gurbansähedowyň «Akmak patyşa» eserlerini getirse bolar. Soňlugy bilen ol has-da kämilleşýär we dürli döwürlerde ady agzalanda dessine çagajyklaryň göz öňünde janlanýan gahrymanlary bolan eserler döredilýär. Mikolany, Dursuny, Arzygüli şeýle gahrymanlaryň hataryna goşmak



edep-terbiýesinde möhüm orny eýeleýändir. Aýratyn hem, çagalar edebiýaty.

Çagalar edebiýaty ähli döwürlerde-de edebiýatyň aýrylmaz şahasy bolup gelendir. Bu bolsa çaganyň — ýaş nesliň terbiýesine berilýän üns bilen baglydyr. Çaga gören, eşiden, okan zatlaryny etjek, şolara eýerjek bolýar. Hut şu sebäpli-de çagalar edebiýatynyň ähmiýeti uludyr. Onuň esasy maksady ähli taraplaýyn terbiýe bermekden, durmuşy öwredip başlamakdan ybaratdyr. Belli rus edebiýatçysy W.G.Belinskiý hem ol barada: «Gönüden-göni çagalar üçin ýazylan kitaplar terbiýäniň wajyp taraplarynyň biri hökmünde onuň meýilnamasyna goşulmalydyr» diýip belleýär.

Çaga kitap okamak arkaly, aýratyn hem, çeper eser okamak arkaly nähili bolmalydygyny ýa-da bolýar. Ata Köpekmergeniň «Sygyr, goýun, balary, söýýärin men bulary», Anna Paýtygyň «Uruş döwrüniň oglany», Nury Baýramowyň «Döwli guýy», Rejepmyrat Durdyýewiň «Oragatdy» ýaly dürli wagtlarda döredilen eserleri bolsa çagalaryň elinden düşürmän okaýan kitaplarydyr.

G.H.Andersen adyndaky çagalar baýragynyň eýesi Kaýum Taňrygulyýewiň hem belleýşi ýaly, «Goý, hemişe çagalaryň şat gülküsi ýaňlansyn dursun! Biziň ýurdumyzda çagalar diňe ukudan örenini bildirmek üçin aglasynlar!» Goý, Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda çagajyklaryň gülküsi hemişe belentden-belent ýaňlansyn!

**Kümüş MURADOWA,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

## ÇAGA — DURMUŞYŇ BEZEGI

*30-njy maýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde 1-nji iýun — Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli «Ynsan ömrüniň hemişelik hemrasy, durmuşyň höwesi, ynamy çaga» atly aýdym-sazly dabara geçirildi.*

Dabarada edilen çykyşlarda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň howandarlyga mätäç çagalara hemaýat, kömek etmekde alyp barýan işleri barada giňişleýin beýan edildi.

Dabara gatnaşyjy çagalar özleriniň ýürek buýsançlaryny Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, ata Watanymyzy, bagtyýar çagalygy wasp edýän aýdymlardyr goşgular arkaly beýan etdiler.

Dabaranyň dowamynda oňa gatnaşyjy çagalaryň pikirleniş ukyp-başarnyklaryny, olaryň çalasynlygyny barlamak maksady bilen, matallary, ýaňyltmaçlary aýtdyrmak we olary dowam etdirmek bilen baglanyşykly gyzykly bäsleşikler geçirildi.

Aýdym-sazly dabarada Aşgabat şäherindäki 15-nji orta mekdebiniň «Gülýaka» döredijilik toparynyň tansly we dürli dillerde goşguly çykyşlary guraldy. Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjy çagalara uniwersitetiň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy tarapyndan ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Edebi mirasymyzyň dil bilimindäki gymmatlygy

*Hormatly Prezidentimiziň halkymyzyň müňýyllyklardan gelýän milli we medeni mirasyna goýýan hormatynyň, aýratyn-da, ruhy baýlygymyza bolan söýgüsiniň bimöçber ýokarydygyny buýsanç bilen bellemek bolar. Jemgyýetçilik hyzmatlaryny ýerine ýetirmekde möhüm ähmiýete eýe bolan «dil» adamzat aragatnaşygynyň serişdesi bolup çykyş edýär.*




Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän işlerde dile aýawly çemeleşmäge, bar bolan sözlüklerden ýerlikli peýdalanmaga, sözlükleriň üstüni doldurmaga, döwrüň ösmegi bilen baglanyşykly ýüze çykýan adalgalar arkaly baýlaşdyrmaga bolan mümkinçilikler öz beýanyny tapýar. Türkmen dili gadymy dilleriň biri bolup, ol leksik, fonetik, grammatik serişdelere baý dilleriň biri hasaplanýar. Türki diller maşgalasyna girýän türkmen dili orta asyrlardaky edebi ýadygärliklerimizde hem öz gymmatyny saklap gelýär. Olar ene dilimiziň sözlük goruny baýlaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Şoňa görä-de, ene dilimiziň diňe bir türki dillerde däl, eýsem, beýleki dillerde ýazylan tekstleri, düşünjeleri öz içki sözlük düzümleri arkaly dogry beýan etmäge we terjime etmäge ukyplydygyny bellemek gerek. Resmi taýdan döwlet dili hukugyna eýe bolan ene dilimiz diňe bir döwleti dolandyrmakda däl, eýsem, halkyň ruhuny, medeniýetini, sözleýiş işjeňligini artdyrmakda, däp-dessury yzygiderli baýlaşdyrmakda hem özboluşly gymmatlyga eýedir.

Şeýle gymmatlyklary ýaşlara berýän bilimlerimiz bilen baglanyşykly alyp barmakda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem 2025-2026-njy okuw ýylynda birnäçe monografiýalar, okuw gollanmalary, kitaplar neşir edilip, okyjylar köpçüligine hödürlenildi. Ýokary okuw mekdebimiziň türkmen dili kafedrasynyň mugallymy Annagözel Hallyýewanyň «Görogly» şadessanynda adam atlarynyň (antroponimleriň) ulanylyşy» atly monografiýasy hem türkmen diliniň leksikasynyň, grammatikasynyň nazary-amaly meselelerini çözmekde, orfoepik, orfografik, etimologik we düşündirişli sözlükleri düzmekde amaly ähmiýete eýedir. Ylymlar güni mynasybetli hödürlenen monografiýa ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän giň gerimli işleriň nobatdaky miwesidir.

Monografiýada «Görogly» şadessanyndaky adam atlary (antroponimler) ylmy taýdan öwrenilip, şadessanyň işjeň leksik düzümini antroponimleriň hasyl edýändigi ýüze çykarylypdyr. Şeýle hem, kitapda şadessandaky antroponimleriň leksik-semantik toparlary we funksional-semantik, gurluş-many aýratynlyklary seljerilipdir. Şadessandaky käbir adam atlarynyň Magtymgulynyň döredijiligi bilen hem baglanyşygynyň bardygy ýüze çykarylypdyr.

Monografiýada «Görogly» şadessanyndaky gahrymanlaryň atlary (antroponimleri) boýunça ýörite düşündirişli sözlük hem ýerleşdirilipdir. Sözlükde Jygalybegiň adyna hem giňişleýin seljerme berlip, gahrymanyň adynda tutuş türkmen halkynyň atçylyk bilen baglanyşykly inçe tilsimleriň jemlenendigi, gahrymanyň öz käriniň ökde eýesidigi, ökde seýisdigi, seýisçilik käriniň gözbaşynyň gadymy döwürlerden gözbaş alyp gaýdýandygy barada düşündiriş berlip geçilipdir. Türkmen halkynyň at dakmaklyk aýratynlygy bilen doganlyk halkaryň at dakmaklyk däpleriniň deňeşdirilýän bölümçesi bolsa, türkologiýa, diliň taryhy boýunça ylmy işleri taýýarlamakda peýdalanyp boljakdygy ýüze çykarylypdyr. Kitaby orta we ýokary okuw mekdepleriniň dil we edebiýat, žurnalistika, taryh hünärlerinde, dil bilen baglanyşykly derslerde, dil biliminiň dürli ugurlary boýunça ylmy işleri taýýarlamakda peýdalanyp boljakdygyna ynanýarys.

Şeýle ylmy kitaplar geljekde ýokary okuw mekdepleriniň alyp barýan maksatnamalaýyn işlerde türkmen diline ygrarly, ýokary derejeli dilçileriň kemala gelmegini üpjün eder. Çünki türkmen dilini öwrenmek we ösdürmek häzirki günüň hem-de ýakyn geljegiň derwaýys wezipeleriniň biridir.

**Ogulkeýik AKMÄMMEDOWA,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.**

# Dil biliminiň taryhyndan

*Dil bilimi beýleki ylymlar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, filosof dilçileriň milletiň aýratynlygyny we «ruhunyň» dilde beýan edilişiniň gözlegleri onuň ösmegine şert döredipdir. XIX asyrda edilen açyşlar häzirki zaman dil biliminiň durkuny emele getiripdir. Biz şu makalada dilleriň tipologiýasy we şolaryň açylmagy bilen dörän dürli gipotezalar barada durup geçmegi makul bildik.*

XIX asyryň dilçileri dünýä dilleriniň ählisiniň eýerýän taryhy ösüş (özgeriş) kanunyny açypdyrlar. Ilki bilen, dilleriň tipologiýasynyň döreýiş taryhy barada durup geçeliň. Dünýä dilleri öz aralarynda izolirlenen, agglýutinatiw, flektiw we polisintetik ýaly toparlara bölünýärler.

Izolirlenen dillerde sada sözler agdyklyk edip, bu sözler hiç haçan şekilini üýtgetmeýän häsiýete eýedir. Şeýle-de, olarda goşulmalar ulanylmaýar we sözlemdäki manyny üýtgetmek üçin täze sözleri goşmaly ýa-da sözleriň ýerini üýtgetmeli bolýar. Muňa hytaý we iňlis dilleri mysaldyr.

Agglýutinatiw dillere sada sözlere birnäçe goşulmalaryň goşulmagy, goşulmalaryň ýeke leksik-grammatik manylarynyň bolmagy we şeýle sözleriň morfologik derňewde morfemalara bolünmegi mahsusdyr. Olara türkmen we türk dilleri mysaldyr.

Flektiw dillere sözüň yzyndaky goşulmany aýryp bolmaýandygy, eger ol aýrylanda sözüň manysynyň ýitýändigi mahsusdyr. Olarda bir goşulma birnäçe manyny berýär. Käbir ýagdaýlarda şeýle goşulmalar goşulanda düýp sözüň özi hem üýtgäp bilýär. Goşulmasyny aýyranymyzda bolsa asyl düýp sözüň manysy ýitýär. Muňa bolsa rus dili mysaldyr.

Polisintetik dillere başga dillerde sözlem bolup gelýän hereketleriň bir sözde getirilmegi mahsusdyr. Bu dilde adaty ýagdaýda sözlem içinde getirilýän obýekt, hereket ýa-da degişlilik bir sözde aňladylýar. Muňa çukot dilini mysal getirmek bolar.

Bu klassifikasiýany XIX asyrda nemes lingwistleri açypdyrlar. Olar adaty sözleýişden «milletiň ruhuny» gözläpdirler. 1808-nji ýylda ilkinji bolup nemes lingwisti Fridrih Şlegel öziniň «Dil we indeýleriň paýhasy» atly kitabynda dilleri flektiw we affikslenýän toparlara bölýär. 1818-nji ýylda bolsa onuň dogany Awgust Wilgelm Şlegel eýýäm dilleri izolirlenen, agglýutinatiw we flektiw ýaly toparlara bölüp, klassifikasiýany has hem ösdürýär. 1836-njy ýylda görnükli nemes dilçisi Wilgelm fon Gumboldt bu klassifikasiýa dördünji inkorporirlenýän (polisintetik) diýen topary goşýar. Gumboldt bu toparlary diliň doňup galan formalary däl-de, adam diliniň we aňynyň ösüşiniň tapgyrlary diýip düşündiripdir.



1850 — 1860-njy ýyllarda Ç.Darwiniň ewolýusion teoriýasyna ýykgyn eden dilçi Awgust Şleýher biologiýanyň kadalaryny lingwistikada hem ulanypdyr. Onuň bellemegine görä, adamzat taryhynda diller diňe wektorlaýyn ösüpdir, ýagny ýönekeý izolirlenen sada sözlerden goşulmalaryň (agglýutinasiýa) döremegi, ondan bolsa dil ewolýusiýasynyň iň ýokary nokadyna — fleksiýa ýetmegi bolup geçipdir. Şleýher dilleriň ösüş prosesi diňe has gadymy eýýamlarda bolup geçipdir, häzirki döwürde bolsa diller pese düşüp (könelip), böleklere bölünýärler (fleksiýadan täzeden izolirlenen görnüşe geçýär) diýip belleýär.

1891-nji ýylda nemes dilçisi Georg fon Gabelens «Dil bilimi, onuň wezipeleri, usulyýeti we öňki netijeleri» atly işinde dünýä dilleriniň ösüşiniň tükeniksiz aýlawdadyklary baradaky gipotezasyny döredýär. Ol özüniň gipotezasynda dünýä dilleriniň spiral ýa-da aýlaw görnüşinde hereket edýändiklerini aýdyp, Şleýheriň dilleriň wektorlaýyn ösüşi we pese düşüşi baradaky garaýşyny inkär edýär. Onuň gipotezasyny yzygiderlilikde şeýle görkezip bolar,



ýagny adamlaryň gep apparatynyň ýaltalygy sebäpli, fleksiýanyň soňundaky goşulmalar ýitýär we fleksiýa izolirlenen dile öwrülýär. Diliň anyklygy talap etmegi netijesinde bolsa izolirlenen dil sözleri goşulmalara öwürýär, ýagny ýitirilen manylaryň öwezini doldurmak üçin sözleri täzeden birikdirip ugraýar. Netijede, izolirlenen dil agglýutinatiw dile öwrülýär. Soňra agglýutinatiw diliň bolsa aýlanyp, flektiw dile öwrülmek hadysasy bolup geçýär.

Gabelens muny ähli dillerde hökmany bolup geçýän tükeniksiz ösüş hadysasy hökmünde häsiýetlendirýär. Eger onuň gipotezasy dogry bolan ýagdaýynda türkmen dili agglýutinatiw dil bolmak bilen fleksiýa tarap hereket edýär diýip netije çykarmaly bolýarys. Emma bu beýle däldir. Häzirki zaman dil bilimi onuň gipotezasynyň doly ýalňyşdygyny subut etdi. Muňa garamazdan, dilleriň bir görnüşden başga görnüşe geçmegi subut edilen ýagdaýdyr. Muňa taryhda latyn diliniň (flektiw) häzirki zaman roman dillerine (izolirlenen) öwrülmegini mysal getirip bolar. Ýokarda gipotezanyň nädogrudygyny hytaý diliniň (izolirlenen) we türkmen diliniň (agglýutinatiw) müň ýyldan hem gowrak wagt bäri öz durklaryny saklap gelýändigi bilen hem görkezmek bolar.

Häzirki zaman dil bilimi Gabelensiň we Şleýheriň fleksiýa dilleriň iň ýokary ewolýusion nokady diýen düşünjesini hem doly inkär edýär. Alymlar dilleriň tiplerine adamlaryň arasyndaky maglumat alyş-çalşygy meselesini çözmäge edilýän dürlüçe çemeleşmeler diýip düşündirýärler. Häzirki döwürde dile öz-özüni durnuklylykda saklaýan sistema hökmünde garaýarlar. Eger bir ýerde bir zat galdyrylyp gidilse, beýleki ýerde başga zat peýda bolýar. Mysal üçin, goşulmalaryň galdyrylyp gidilmegi goşulmalaryň birnäçe mana eýe bolup düýp söz bilen birleşmegine ýa-da täze sada sözleriň peýda bolmagyna getirip bilýär.

Türkmen dili babatynda aýdanymyzda, häzirki zaman dil bilimi onuň gurluşynyň ösen matematiki takyklyga eýedigini belleýär. Grammatikanyň bir kanuna birnäçe kadadan çykmalar degişli bolan flektiw rus dili bilen deňeşdirenimizde, agglýutinatiw türkmen dili matematiki programma dili ýaly işleýär. Müňýyllyklaryň dowamynda özüniň durkuny üýtgetmän saklap başaranlygy bolsa türkmen diliniň singarmonizm kanunyna eýerýändigi bilen düşündirilýär. Bu hadysa diliň akgynly aýdylmagyny üpjün edip, onuň goşulmalarynyň goşulmak tertibini saklaýar. Hatda türkmen diline goşulýan alynma sözler hem özleşdirilende şu kadalara eýerilýär.

Türkmen diliniň baý edebi mirasy we durnukly kada-kanunlary bardyr. Ene dilimizi öňküsinden hem baýlaşdyrmak, ösdürmek, geljekki nesillerimize ýetirmek bolsa biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

**Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň**
**2-nji ýyl talyby.**

# СКОЛЬКО ЯЗЫКОВ ВЫ ЗНАЕТЕ?

***«Каждый новый язык — это новое видение жизни».***
***Федерико Феллини***

В современном мире, где глобализация определяет экономические, научные и культурные процессы, владение иностранными языками становится не просто преимуществом, а необходимым навыком для профессионального и личностного роста. Именно поэтому в Туркменистане придаётся огромное значение изучению иностранных языков.

Согласно «Концепции совершенствования обучения иностранным языкам в Туркменистане» ведется комплексная работа по изучению молодым поколением иностранных языков, чему способствует трехэтапная реализация этой Концепции. Результатом проведенной работы уже стало создание в образовательных учреждениях системы последовательного и взаимосвязанного обучения иностранным языкам, а также, разработка на основных языках ООН и туркменском языке электронных словарей, мобильных приложений, издание учебников. В учебных центрах страны налажены специальные подготовительные курсы для получения сертификатов международного уровня.

Для студентов высших учебных заведений изучение языков открывает широкий спектр возможностей, способствующих успешной карьере, углублению знаний и расширению кругозора. Студенты, владеющие несколькими языками, получают доступ к зарубежным стажировкам и программам обмена, что позволяет приобрести уникальный опыт. Кроме того, знание языка увеличивает шансы на трудоустройство в престижных организациях, где ценятся не только профессиональные, но и коммуникативные навыки.

Изучение иностранных языков расширяет доступ к мировым научным ресурсам. Многие ведущие журналы, монографии и исследования публикуются на английском, русском и других языках. Студенты, владеющие иностранными языками, могут изучать первоисточники, что особенно важно в гуманитарных и точных науках, могут участвовать в международных конференциях и семинарах, обмениваясь опытом с коллегами из разных стран. Таким образом, языковые навыки способствуют более глубокому погружению в выбранную специальность и повышают качество образования.

Исследования показывают, что изучение иностранных языков положительно влияет на работу мозга. Среди ключевых преимуществ: улучшение памяти и концентрации внимания, так, как процесс освоения нового языка требует постоянной тренировки; развитие аналитического мышления, поскольку студент учится переключаться между языковыми системами; повышение креативности, так, как многоязычные люди часто демонстрируют более гибкое мышление. Эти навыки пригодятся не только в учебе, но и в повседневной жизни, помогая быстрее адаптироваться к новым задачам.

Среди известных полиглотов современности есть люди разных сфер: учёные, актёры и актрисы, музыканты и спортсмены. Александр Аргуэльес – американский лингвист, лексикограф. Знает более 60 языков, в совершенстве владеет десятью. Большинство языков выучил, общаясь с носителями. Иштван Даби — переводчик и писатель, в общей сложности освоил 103 языка, на 20 из которых общается и пишет свободно. Одним из самых известных полиглотов в России является Дмитрий Петров. Он владеет 30 языками. Петров – автор метода «Полиглот», ведёт программу «Полиглот» на российском канале «Культура».

«Сколько языков вы знаете?» – спросили мы у наших студентов и выслушали их ответы в разной форме на специальном мероприятии, посвящённом изучению иностранных языков, которое было организовано в конце марта этого года в ТГУ им. Махтумкули.

Студенты специальности русского языка и литературы факультета романо-германских и восточных языков выступили с научными докладами о роли иностранных языков в жизни студентов, подготовили интересные презентации и показали композицию «Официальные языки ООН».

Туркменский государственный университет им. Махтумкули – одно из ведущих высших учебных заведений страны, где идёт серьёзная подготовка специалистов в области иностранных языков.

Ф.М. Достоевский писал: «Изучение языка — это не только изучение слов, но и культуры, истории и духа народа». Именно поэтому в нашем вузе уделяется большое внимание изучению не только языков, но и соответствующих им культур. Изучая иностранные языки, студенты знакомятся с традициями, историей и менталитетом других народов. Это способствует формированию толерантности и открытости, расширяет круг общения, развивает эмпатию и коммуникативные навыки.

Благодаря неустанной заботе и дальновидной политике нашего Президента Сердара Бердымухамедова в Туркмменистане созданы все необходимые условия для образования, развития творческих способностей и научного потенциала нашей молодежи.

**Нарина АЛЕКСАНЯНЦ,**
**преподаватель кафедры русского языка и литературы.**

# TALYPLYGYŇ KENARYNDAKY SETIRLER





## Ýaşamak

*Köre-de düýbi görünýän,*
*Ýok zadym üçin dörünýän.*
*Men kimiň sowuk töründe*
*Ýanyp, ýylanmaga çalyşýan.*

*Sal-sal bolup galgaýanym,*
*Aňmaz ol meň aňlaýanym,*
*Göz-görtele aldaýanyn*
*Bilip, ynanmaga çalyşýan.*

*Bil berdi ykbal söýegme,*
*Şo-da daldadyr süýegme,*
*Öz ýolumda öz aýagyma*
*Galyp, daýanma çalyşýan.*

*Haýyp boldy tijenenim,*
*Bagtym eken gijigenim,*
*Aglap ýatan gijelerim*
*Gülüp, oýanmaga çalyşýan.*

*Dünýe düýş eken duýana,*
*Ökünýär eken oýanan.*
*Men çyny gülkä, oýuna*
*Salyp, uýalmaga çalyşýan.*

## Limerensiýa

*Dat-bidat ýetdi kalbyma,*
*Süňňüm gowşar bogun-bogun.*
*Damagyma tegek sözüm,*
*Ýuwudanym düwün-düwün.*

*Eredi bagrymyň ýagy,*
*Neçüýn ýere siňemok men.*
*Eý-ho, şol gözleri görmän,*
*Hakyt bir dem oňamok men.*

*Tapamok başlan ýerini,*
*Barha-barha lagşaýaryn.*
*Berkdi erkim bu ýollara,*
*Gowşaýaryn, gowşaýaryn.*

*Ýaňagma şarpyk degen deý,*
*Oýanan ýaly düýşümden.*
*Gögele göwni daladym,*
*Uýalýan ýaly ýaşymdan.*

*Ebşitledim ýakasyny,*
*«Haý-waýym» bermedik halyň.*
*Ne-hä gelşini gördüm men,*
*Ne gördüm gidip barýanyn.*

*Ogulnur SAPAROWA,*
*žurnalistika hünäriniň*
*5-nji ýyl talyby.*



## Maňa sen gerek

*Seni küýsegleýän Mejnuna dönüp,*
*Käte kalbym janserek.*
*Käte tukat, kä-de bir göwni synyk,*
*Derdime düşünjek maňa sen gerek.*

*Ýalňyzlyk apaty agartdy başy,*
*Hemem ýüz müň ýola agyrdy ýürek.*
*Bu dünýäň hezili, altyn-gyzyly,*
*Barysy biderek, maňa sen gerek.*

*Ýatsam, ýere siňip barýan hassa men,*
*Onsoň köçelerde ýörün sähne dek.*
*Men bir çeşme ýaşamasyn bes eden,*
*Direlmegim üçin maňa sen gerek.*

*Dal kamatly serwi boýlym,*
*Men seniň ýoluňda misli ak derek.*
*Intizar bakýaryn ýoluň ugrunda,*
*Çat açmanka ýürek, maňa sen gerek.*



## SAŇA

*Garamyk dideleriň,*
*Goýmady erk-ygtyýar.*
*Garaňky gijelerim,*
*Seniň bilen ýagty, ýar.*

*Seýkin basan gadamyň,*
*Sabyr-takat goýmaýar.*
*Özüň ýetiş dadyma,*
*Meni ýalňyz goýma, ýar.*

*Bu tylla ýodalaryň,*
*Üstünden kän geçen gyz.*
*Ýoluňda didelerim,*
*Syrym bilýär diňe güýz.*

*Aýdyp bilmedik sözüm,*
*Gözlerimden oka, ýar.*
*Niçik çalarsyň sazy,*
*Bolsa dutar ýeke tar.*

*Garamyk dideleriň,*
*Goýmady hiç ygtyýar.*
*Bir ömür idedigim,*
*Sende ömrüň bagty bar.*

*Didaraly ERKÄÝEW,*
*taryh fakultetiniň*
*5-nji ýyl talyby.*



### HOŞLAŞYK

*Sen adyňa, adyň saňa ýaraşýar,*
*Ýyllar geçsin, unutmaryn suduryň.*
*Bu hoşlaşyk agyr boljak oguşya,*
*Näme üçindir, duýga dolup otyryn.*

*Ylma teşne kalplar — hyjuwly ýaşlar.*
*Suratlar. Hoşlaşyk. Al-elwan güller.*
*Ynamly dideler. Goýulan «5»-ler,*
*Sansyz ýatlamalar. Sanalgy günler.*

*Saçagyň bereket, gujagyň mähir,*
*Ylymdan örülen bosagaň, töruň.*
*Seni ýüreginde goýupdyr şäher,*
*Menem çep gursakda göterip ýörün.*

*Garym-gatym duýgular bar ýürekde,*
*Bir ýoluň ahyry — bir ýoluň başy.*
*Bize artyk, üýtgeşik zat gerek däl,*
*Mydam gowy günde ýatlansak ýagşy.*

*Sen adyňa, adyň saňa ýaraşýar,*
*Ýyllar geçsin, unutmaryn suduryň.*
*Barmak büküp eziz käbäm garaşýar,*
*diýip: «Gyzym uçurymy TDU-nyň»*




### MEŇZEŞ KÖÇE

*Ikimizi duşurypdyr bu ykbal,*
*Ak şäheri baga bürän köçede.*
*Sen-ä bir ojagyň ýetişen ogly,*
*Menem bir maşgalaň gyzy ýekeje.*

*Sen örän az sözli, şeýle bir agras,*
*Menem çalt öýkelek, näzik göwünli.*
*Bilmedim, ozaldan birmi ýolumyz,*
*Bir-birege bolduk aşa göwünli.*

*Göwünmi?! Ýürekmi?! Bilemok anyk,*
*Düşünerden duýgularym horaşan.*
*Gözleriňe baksam özümi görýän,*
*Ýa sen meň bagtymmy uzak garaşan?!*

*Garaşylan ýyllar bagt bolup gelsin,*
*Günler dowam etsin şeýle rejede.*
*Şükürim bihasap saňa duşanma,*
*Ak şäheri baga bürän köçede.*

*Nurgözel ÝAZBERDIÝEWA,*
*roman-german*
*we gündogar dilleri*
*fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.*



## Garaşýan saňa

*Seni görüp dünýäm öwrüldi ýaza,*
*Bu dünýä täzeden gelen deý boldum.*
*Buýsançdan, söýgüden doly ýüregim,*
*Ony ýürek urgym bilen deň bildim.*

*Söýgi ummanynda guwwasyň seniň,*
*Seniň üçin gazal baryn düzýärin.*
*Söýgüden doludyr biziň dünýämiz,*
*Ony süňňüm, kalbym bilen syzýaryn.*

*Geýip söýgi şalygynyň täjini,*
*Yşkyň derýasyndan ýüzüp geldim men.*
*Ykbalymdan çykan bagtyň bijesi,*
*Diňe sen bolmaly, anyk bildim men.*

*Begenç AMAŞOW,*
*hukuk fakultetiniň*
*5-nji ýyl talyby.*



# Sport we edebiýat

## Mark Twen bilen bagly gyzykly maglumatlar



Mark Twen Galleý kometasynyň Ýeriň golaýyndan uçup geçmeginden birnäçe hepde öň dünýä inýär we bu asman jisiminiň zemine nobatdaky gezek ýakynlaşmagyndan bir gün soňra aradan çykýar.

Mark Tweniň özi-de bu tötänligi öňünden duýupdyr. Ol 1909-njy ýylda şeýle diýipdir: «Men 1835-nji ýylda Galleý kometasy bilen bile geldim... Geljek ýyl ol ýene gelýär we men onuň bilen bile gitsem gerek».

Hakykatdan hem, ýazyjy 1835-nji ýylda (kometa görnenden soňra) dogulýar we 1910-njy ýylda (kometa iň ýakyn nokadyndan geçenden bir gün soň) dünýäsini täzeleýär.

***

Uly meşhurlyk gazanan ýazyjy bolandan soňra, Mark Twen yzygiderli ýagdaýda kärhanalara maýa goýýar we şowsuzlyk sebäpli ahyrsoňy bergä batyp, gallaç galýar. Gyzykly tarapy, telefony oýlap tapmak taslamasyna pul goýmak mümkinçiligi dörände, ol mundan ýüz öwürýär. Bu taslamanyň eýesi Aleksandr Grem Bell bolsa, netijede tutuş dünýä belli şahsyýete öwrülýär.

Aleksandr Bell öz oýlap tapan täze guraly (telefony) bilen Mark Tweniň gapysyny kakanda, ýazyjy eýýäm köp gezek aldanyp ýadandygy üçin: «Meni indi hiç hili täze oýlap tapyşlar bilen aldap bilmersiňiz» diýip, teklibi ret edýär.

Aýtmaklaryna görä, bu Mark Tweniň durmuşyndaky iň uly maliýe ýalňyşlygy bolup galýar. Ýöne ol özüniň ähli bergilerini döredijilikli zähmeti we dünýä boýunça beren leksiýalary arkaly doly üzmegi başarýar.

***

1882-nji ýylda daktiloskopiýa, ýagny barmak yzlaryny anyklamak usullarynyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda meşhurlyk gazanmagyndan on ýyldan hem gowrak wagt öň Mark Twen özüniň «Missisipidäki durmuş» romanynda jenaýatçynyň barmak yzy arkaly gözlenilişini beýan edipdir.

***

Mark Twen bütin ömründe ylmy üstünlikler bilen gyzyklanýar we meşhur alym Nikola Tesla bilen dostlukly gatnaşyk saklaýar. Ol hatda köp wagtyny Nikola Teslanyň laboratoriýasynda geçiripdir.

***

Mark Twen bütin dünýä boýunça çykyş edýän we hemişe zallary doldurýan örän meşhur lektor bolupdyr. Käte onuň çykyşlarynyň mowzuklary iň bir garaşylmadyk zatlar hem bolup bilýän eken. Meselem, onuň leksiýalarynyň biri «Meniň ilkinji ogurlan garpyzym» diýlip atlandyrylýar we şol leksiýany diňlemäge gelenleriň biri hem Zigmund Freýd bolupdyr.

***

Meşhur ýazyjy «Tom Soýeriň başdan geçirenleri» eserini öz ýeke-täk oglunyň aradan çykmagyndan soňra ýazyp başlaýar. Lengdon Klemens 1872-nji ýylyň 2-nji iýunynda, bir ýarym ýaşynda difteriýa (bokurdak agyrysy) keselinden aradan çykýar.

***

Mark Tweniň Tom Soýer baradaky kitabynyň bir bölegi psihologiýa okuw kitaplaryna girizildi. Tom Soýeriň töwerekdäki oglanjyklary öz haýatyny reňklemek hukugy ugrunda göreşmäge mejbur edýän meşhur sahnasy, psihologiýa dersliklerinde, köplenç, «refreýmingiň» (kadalaşdyrmagyň) nusgawy nusgasy hökmünde getirilýär.

Bu usul durmuşyň oňaýsyz ýa-da ýakymsyz wakalaryna bolan garaýşy üýtgetmek üçin peýdalanylýar. Bu bolsa şol meselä täsir etmäge, ondan adam üçin bähbitli ýagdaýlary tapmaga, hatda çözgüt döretmäge hem mümkinçilik berýär.

**Internet maglumatlary esasynda taýýarlan Allanur ÇARYÝEW, türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

## Kubok ýene PSŽ-de

*Fransiýanyň «Pari Sen-Žermen» topary yzygiderli ikinji möwsüm UEFA-nyň Çempionlar ligasynyň ýeňijisi boldy. Topar final duşuşynda Angliýanyň «Arsenal» klubuny utmagy başardy. Budapeşt şäheriniň «Puşkaş Arena» stadionynda geçirilen oýnuň esasy we goşmaça wagtynda hasap 1:1 ýagdaýda tamamlandy. Netijede parižliler penalti tapgyrynda 4:3 hasabynda ýeňiş gazandy.*




*Oýnuň 6-njy minutynda Kaý Hawers «Arsenal» toparyny öňe çykardy. Parižliler bolsa Hwiça Kwarasheliýanyň penalti gazanmagy bilen hasaby deňlemegi başardy. 11 metrlik jerime urgusyny oýnuň 65-nji minutynda Usman Dembele üstünlikli ýerine ýetirdi.*

*Oýundan soňky penalti tapgyrynda bolsa «Arsenalyň» iki oýunçysy topy derweze girizip bilmedi.*

*Finaldaky bu ýeňliş «Arsenal» üçin Çempionlar ligasynyň şu möwsüminde ýeke-täk şowsuzlyk boldy. «Kanonirleriň» ÇL-de gazanan iň ýokary görkezijisi 2006-njy ýyldaky final bolup, şonda londonlylar «Barselona» toparyndan utulypdy (1:2).*

**Bazar ANNAÝEW, türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

### Klub bilen hoşlaşdy



Angliýanyň «Mançester Siti» kluby özüniň baş tälimçisi Pep Gwardiolanyň topardan gidýändigini resmi taýdan mälim etdi. Bu ussat tälimçiniň ornuna italiýaly tälimçi Enso Mareska belleniler diýip, dürli sport neşirleri habar berýär.

Käbir maglumatlary belläp geçsek, onda ussat tälimçi Pep Gwardiola 2016-njy ýyldan bäri «Mançester Siti» toparyna baş tälimçilik edip gelýärdi. Klub onuň baş tälimçiliginde jemi 20 sany kubogy gazanmagy başardy. Olar 6 gezek Angliýanyň çempiony boldular, 3 gezekden Angliýanyň Kubogyny hem-de Naýbaşy kubogyny gazandylar, şeýle-de, 5 gezek Angliýanyň Liga kubogynyň eýesi boldular.

Pep Gwardiola «Mançester Siti» kluby bilen Halkara ýaryşlarynda-da Ýewropa çempionlar ligasynyň, UEFA-nyň Naýbaşy kubogynyň hem-de klublaryň arasyndaky dünýä çempionatynyň baş baýraklaryny eýelemegi başardy. Tälimçi soňky möwsümde hem 2 kubok, has takygy, Angliýanyň Liga kubogyny hem-de Angliýanyň Kubogyny eýeledi.

### Messi milliarder boldy



Häzirki zaman dünýä futbolynyň legendalarynyň biri hasaplanýan, «Inter Maýami» klubunyň hüjümçisi Lionel Messiniň umumy baýlygy 1 milliard amerikan dollaryndan geçip, ol «Bloomberg Billionaires Index» sanawyndan orun aldy. Ol bu sanawda portugaliýaly ýyldyz Kriştianu Ronaldudan soňra bu sepgide ýeten ikinji futbolçy hökmünde hasaba alyndy.

«Bloomberg» agentliginiň maglumatlaryna görä, Lionel Messi 2007-nji ýyldan bäri bonuslary hem hasaba alanyňda, takmynan, 700 million amerikan dollaryny gazandy. Onuň bu netijäni gazanmagyna maýa goýumlary, hemaýatkärlik şertnamalary we aktiwleriniň gymmatlamagy ýardam etdi. Messiniň 2023-nji ýylda «Inter Maýami» kluby bilen baglaşan şertnamasynda zähmet hakynyň bir böleginiň klubuň paýnamalary görnüşinde tölenilmegi göz öňünde tutulandyr. Şeýle hem, ol «Apple TV» platformasynda «MLS-iň» oýunlarynyň görkezilişinden paý alýar. Bu ylalaşyklar boýunça ýyllyk tölegler jemi 70 — 80 million amerikan dollaryna ýetýär.

### Taryhynda ilkinji gezek



Angliýanyň «Aston Willa» topary öz taryhynda ilkinji gezek Ýewropa Ligasynyň ýeňijisi boldy. Iňlis kluby 20-nji maýda Türkiýäniň Stambul şäherinde geçirilen final oýnunda 3:0 hasap bilen Germaniýanyň «Fraýburg» toparyny ýeňmegi başardy.

Şeýlelikde, «Aston Willanyň» tälimçisi Unai Emeri öz karýerasynda bäşinji gezek Ýewropa ligasynyň baş baýragyny eýeledi. Ol häzirki wagta çenli «Sewilýa» bilen 3 gezek (2014, 2015, 2016) we «Wilýarreal» bilen 1 gezek (2021) Ýewropa ligasynyň kubogyny gazandy. Şeýle-de, bu gezekki final oýnunda gazanylan ýeňiş Emeri üçin ýubileý 600-nji ýeňiş boldy. Ol şu wagta çenli geçiren 1120 oýunda 600 gezek ýeňişe, 240 gezek deňlige we 280 ýeňlişe sezewar boldy.

«Aston Willanyň» ýarymgoragçysy Morgan Rojers bolsa Ýewropa ligasynda «Möwsümiň iň gowy oýunçysy» diýlip yglan edildi. Ol turniriň dowamynda 15 oýunda meýdança çykyp, 3 gol urdy we 5 gezek golly pas berdi.

### Uzak garaşylan ýeňiş



Londonyň «Arsenal» topary 22 ýyllyk arakesmeden soňra ýene Angliýanyň premýer-ligasynda çempion boldy. APL-yň 37-nji tapgyrynda turnir tablisasynda ikinji ýeri eýeläp duran «Mançester Sitiniň» «Bornmut» bilen 1:1 hasap bilen deň oýnamagy topary wagtyndan öň liganyň çempiony etdi.

Netijede, «Arsenal» öz taryhynda 14-nji gezek Angliýanyň çempiony boldy. Topar mundan öňki çempionlygyny ady rowaýata öwrülen Arsen Wenger bilen bilelikde 2024-nji ýylda gazanypdy. Şol möwsümde «Arsenal» ýeke oýunda hem ýeňilmän (26 ýeňiş, 12 deňlik), çempion bolupdy.

Şu ýyl «Arsenal» bilen çempion bolan Maks Douman hem APL-yň taryhyndaky iň ýaş (16 ýaş 139 gün) çempion hökmünde özboluşly rekord bilen taryha girdi. Maks bu ugurda «Mançester Sitiniň» hüjümçisi Fil Fodeniň (17 ýaş 350 gün) rekordyny täzeledi.

**Röwşen BEGŞADOW, pedagogika kafedrasynyň mugallymy.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW, Parahat BATYROW,
Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com